# Haýp, Ukrainanyñ Ukraina edeni

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Haýp, Ukrainanyñ Ukraina edeni HAÝP, UKRAINANYÑ UKRAINA EDENI




Añyrsyndaky uly ekrany türk baýdagynyñ suraty tutup dur, göýä türk jemendesi janlandyrylýar, tansçynyñ eşigini geýen alasamsygyñ ýalañaç göbegini ogşap, onuñ bilen deñ pahlawamyzy, böregimizi, kebabymyzy, nargilämizi (kalýan, suw çilimi), aýdymlarymyzy, «Asyryñ lideriniñ» murtuny ýañsylaýar, kellesinde-de seçekli feska bar… Bu adam häzir Ukrainanyñ Prezidenti.
Wäşi artist.
Öñler «Komediýa kluby» ady bilen sahna şowlarynda çykyş edýärdi.
2015-nji ýylda teleýaýlyma geçdi.
Hem özüniñ, hem ýurdunyñ ykbaly özgerdi.
«Halkyñ hyzmatkäri» atly teleserialda baş rolda oýnady.
Serialda syýasata dahylly ýeri ýokka, tötänlikden döwlet ýolbaşçylygyna saýlanan namysjañ taryh mugallymynyñ obrazyny janlandyrýardy.
Serialyñ gahrymany porsusy çykan syýasatçylara baş galdyrýan, korrupsiýa we parahorluga garşy göreşýän, parahorlary paş edýän, häkimiýete ýallakçylyk edýän metbugat serişdeleriniñ üstünden gülýän, isripçilikden gaçýan, gulluk awtoulagyna hem münmeýän, welosipedli gezýän, ýanynda goragçysy hem bolmadyk «halkyñ ýolbaşçysynyñ» obrazydy.
Serial iñ köp tomaşa edilýän gepleşikler boýunça rekord täzeledi: Ukrainanyñ ilaty 40 million bolsa, serialyñ her

bölümine 20 million adam tomaşa edýärdi.
Serialyň şeýle uly gyzyklanma eýe bolmagy ýönelige däldi.
Çünki… Ukraina hakykatdanam porsusy çykan syýasatçylar tarapyndan göýä ýesir alnan ýalydy, ýurt bokurdagyna çenli korrupsiýa batypdy, «Halkyň hyzmatkäri» serialy halkyň oý-pikirlerine terjimeçilik edýärdi.
Senariýa hut damardan basylyp ýazylypdy!
2018-nji ýyl…
«Halkyň hyzmatkäri» ady bilen partiýa guruldy.
Partiýanyň resmi gurulyş arzasyny «Halkyň hyzmatkäri» serialynyň önümçilik şereketi beripdi, önümçilik şereketiniň direktory «Halkyň hyzmatkäri» partiýasynyň başlygy ýaly bolup görünýärdi.
«Nämüçin beýtdiňiz?» diýip soradylar.
Wäşi artist düşündirdi…
– Biziň teleserialymyzyň adyny başgalary syýasy maksatlar üçin ogurlaýmasyn diýip şeýtdik, serialymyz bilen adybir partiýa gurup, saýlawçylarymyzy ýalňyşdyryp bilerler, käbir köpbilmişler 2017-nji ýylda şeýle synanşyga baş goşupdylar, serialymyzyň adyny goramak üçin eden zadymyz – diýdi.
Bu düşündiriş makul görüldi. Hiç kim ýadyrgamady.
2019-njy ýylyň Täze ýyl agşamy…
Sagadyň dili 24:00-y görkezende Ukrainanyň ähli teleýaýlymlary Prezident Poroşenkonyň däp bolup gelýän Täze ýyl gutlagyny efire bermelidi.
Ähli teleýaýlymlar çykyşy berdiler. Birinden başgasy!
«Halkyň hyzmatkäri» serialynyň berlen «1+1» teleýaýlymy sagadyň dili 24:00-y görkezende wäşi artistiň çykyşyny berdi. Wäşi artist «hakykatdanam» Prezidentlige talaşgärdigini mälim etdi!
«1+1» teleýaýlymynyň eýesi Ukrainanyň iň garaňky oligarhlaryndan Igor Kolomoýskidi.
Ol bank, nebit-gaz, magdan, howa ýollary, metbugat ýaly birgiden pudaklarda şereketi bardy.
Ukrainanyň raýatlygy bilen birlikde Ysraýyl we Kipr Rum respublikasy ýaly ýurtlardanam raýatlygy bardy. Kolomoýskiý imperatorlygyny Şweýsariýada oturan ýerinden dolandyrýardy, özi Ysraýylda we ABŞ-da ýaşaýardy.
Aýratyn güýçlerden (спецназ) özüne gulluk etmek üçin saýlap alan ýaragly, ýüzi nikaply ýörite birlikleriniň bardygyny, bäsdeşleriniň üstüne çozuşlary gurnaýandygyny, birnäçe

jenaýatlarda adynyň geçýändigini bilmeýän ýokdy.
Myhmanlaryna göz görkezmek üçin ofisindäki mähnet akwariumda akula saklaýardy.
Döwletiň bäş milliard dollaryny iýendigi üçin Ukrainadaky hususy bankyny döwlet konfiskowat edipdi.
«Pyrtykal rewolýusiýany» amala aşyran kadrlaryň hemaýatkäridi.
Ýuşşenko, Timoşenko ýaly syýasatçylaryň maliýe goldawçysydy.
Kuklalaryň ýüpüni elinde saklaýan kuklaçydy.
Şindi-de wäşi artistiň hemaýatkärligini edýärdi. Ol wäşiniň saýlaw kampaniýalaryna guramaçylyk edýärdi. Logistikasyny, howpsuzlygyny üpjün edýärdi, şahsy aklawjylyk işini wäşiniň hukuk geňeşçisi alyp barýardy.
Geň-taňsylyklar gutaranokdy… Güzeranyny mawy ekranyň üstünden aýlaýan, teleýaýlymlar arkaly döwlet ýolbaşçylygyna talaşgärligini görkezen wäşi telegepleşiklere çykanokdy, ol saýlaw kampaniýasy geçýänçä teleýaýlymlardan gaça durdy.
Hatda Kiýewiň «Olimpiýa» stadionynda bäsdeşi Poroşenko bilen telegepleşik çekişmesi gurnaldy, ýetmiş müň tomaşaçy geldi, tribunalar doldy, teleýaýlymlar göni ýaýlymda işe başlady, şonda-da wäşi gelmedi.
Yzly-yzyna telewizion mahabatlary berilýärdi, yzly-yzyna sosial mediýa mahabatlary berilýärdi, köçelere bildirişler asylýardy, emma ol bäsdeşleri bilen birem ýüzbe-ýüz gelenokdy, bir adamlyk şowhun turuzýardy.
Hasam täsini… Saýlaw kampaniýasy geçýänçä ýekeje-de interwýu bermedi, ýeke gezek habar beriş serişdeleriniň ýygnanşygyny geçirmedi, žurnalistler oňa ýeke sowal hem berip bilmediler. Bir özi gürledi oturdy.
Şeýle monolog tilsimi arkaly adamlaryň aňynda hemişe şol serialdaky ýolbaşçynyň obrazynda galdy, makiýažyny hiç bozmady.
Ahyrynda hyýallar hakykata öwrüldi, teleserial hakykat boldy.
Ol ukrain halkynyň 74% ses bermeginde döwlet ýolbaşçylygyna saýlandy.
Şondan üç aý öňinçä komiki serialda döwlet ýolbaşçysynyň obrazyndady.
Şondan üç aý öňinçä teleserialdaky rotunda başga dynnym ýaly syýasy tejribesi ýokdy, parlamentiň ýa-da haýsydyr bir partiýanyň öňündenem geçmändi.
Bary-ýogy üç aýda hakykatdanam döwlet ýolbaşçysy wezipesine oturdyldy.

Wäşi artist 1978-nji ýylda doglan, kyrk dört ýaşynda.
Putin 1978-nji ýylda bu artist doglanda КГБ-niñ jansyzy bolup Germaniýada işläp ýördi, wäşiniñ häzirki ýaşynda ol КГБ-niñ binýadynda döredilen kontrrazwedka gullugy ФСБ-niñ başlygydy.
Serial komediýa hökmünde gowy garşylananam bolsa, demokratiýa taýdan alanda, mynasyplyk taýdan alanda «nusga alarlyk serialdy» aslynda.
Haýp, ukrain halkynyñ Ukraina edeni.
Ýylmaz ÖZDIL.

«SÖZCÜ» gazeti, 26.02.2022 ý. Publisistika